# Göwni galan söýgä ýokdur teselli…

Category: Goşgular
написано kitapcy | 14 марта, 2025



***Rauf PERFI,***
***özbek şahyry***

***

Owal hyýaldyň sen, ýöne bir hyýal,
Seni ýüregimde saklar ýörerdim.
Owal hyýaldyň sen, ýönekeý hyýal,
Sen meni entedip gitme, biderdim.

Nirä barýaň, bir dem aýak çek şu hal?!
Umydygär seň ýoluňda gözlerim…
Ýüz öwürdi menden indi o hyýal,
Ömürbaky açyk galdy gözlerim.

***

Bir guşjagaz penjiräme gonýar-da,
Naçar halda oturýardy, görgüli.
Nalaýardy, göreçleri ýanýardy,
Göýä, iki zümerretdi gözleri.

Ýadyma salýar ol ajap owazy,
Duýgur şahyra-da durdy ol meňzäp.

Häzir ol çalmaga gussaly sazy,
Belki, dert çekmegne bardyr-da sebäp.

Oňa göz astyndan nazar aýlaýan,
Guşuň ahwalyna aglaýan sessiz.
Näme küýseýänin bilemok aýan,
Bilmerin hiç mahal, bilmerin şeksiz.

***

*«Yzyňyzy tapdym ýalan dünýäde,*
*Çyn dünýäde görüşgeýmiz, aga jan.»*

***Feride Afruz***

Mähribanym, seň yzyňdan barar men,
Pyşyrdaýar ruhum. Bu haýsy aýat?
Bu dünýäde kyrk mejnunyň biri men,
Ölüme-de baş bermeýän kesapat.

Ýüregim zyndandyr. Bir ýalaňaç dar
diňe meniň üçin hallan atyp dur.
Munda ýeke söýgi – zähri-katyl bar,
Bu zyndanda bir Leýli bar, bir Mejnun.

Mähribanym, hunym, men seni tapdym,
Janym berdim bu syrly hyýallara.
Ýüregimi dildim, gursagmy ýardym,

Sowruldym men bu sowuk şemallara.
Höküm edip, daň çagy özüm atdym,
Nokat goýup jogapsyz sowallara.

***1997***

## TEWFIK FIKRETIŇ KITABYNA ÝAZGY

***«Neçün ýoluň soňy jarlyk?»***
***T. Fikret***

Men uklaýan, men uklaýan,

Düýş içre özüm unudyp.
Düýşlerimde gan aglaýan,
Gapyl buludy oýadyp.

Bakman Zemindäki nowa,
Bilmen men haçan gaýdaryn.
Men derdimi bu boş howa,
Hemem şemala aýdaryn.

Men uklaýan, men uklaýan,
Gözüm assa ýumlar basym.
Düýşlerimde men aglaýan,
Sen bolsa ýylgyr, ýyldyzym.

## HAÝ, BALA

Haý, bala, haý-haý, bala,
Çalma şatlyk rubabyn.
Gör, dünýä bir pyýala
Sundy saňa şerabyn.

Haý, bala, haý-haý, bala,
Kalbyňa salma dowul.
Pyýala, bir pyýala
Dünýäň Gamy, iç, ogul.

## AK DÜÝŞ

Penjiräme urulýar gar,
ýaňlanýar ýaňsyz kümüş deý.
Penjiräme urulýar gar,
Gar ýaly agardy düýş-de.

Ýagýar ajap gar bu gije,
Gaýyp düşýär meň ýanyma.
Men seni ýatlaman hijem,
Emma sen düşýäň ýadyma.

## HARASAT SÖÝGI

Juda bagtlydyň oň bilen,
Ýörerdiň sygman bu dünýä.
Henizem oýuň şoň bilen,
Ýüregiňde-de şol öýdýän.

Oň bilen geçen günlerden –
Galdy ýatlama bir ömür.
Damakdaky düwünlerden,
Gözlerimi tutdy ümür.

Söýgim tapmady ornuny,
Eýeli kalbyň töründen.
Unudyp bilmediň ony,
Geçip bilmen menem senden.

***

Bilýän, iniň jümşüldär,
Janyň ýanar ogluňdan.
Bir söz kalbyňy örtär,
Gözüň galar ýolumda.

Köçä garaýaň her dem,
Tünem aklaýaň, eje.
Munda günäli mendim,
Menem aklaýaň, eje!

Açyk, öňümde kitap,
Açyk ýatyr depderim,
Olarda baky azap.
Gaýdyrar albaý jary.

Ogluň bir ömür bitap,
Syndy sözi – hanjary.

***

Gaýyp düşer gar ýoluma,
Goluňy ber, ýar, goluma.
Sen goýduň möhür lebimde.

Sen – dert bisabyr köňlümde.

Gözümde gizläýin ýöne…
ýaş deý akyp gitme ýene.

## ŞYGRYÝET

Tende jan örtener, kalp aram yzlar,
Ylhamyň gezligi böwre sünjüler.
Lowlap ýanýar gökde Aýdyr ýyldyzlar,
Arzuwmyň güneşi dönüpdir küle.

Hiç zat göze ilmez. Sähradyr köňül.
Erteki otarar, arş gulak salar.
Melamat daşynda gögeren bir gül,
Bir görseň gülýändir, birdenem nalar.

Göwni galan söýgä ýokdur teselli,
Sessiz bakdym Günüň solgun gözüne,
Arşda ýyldyraýan Aý ýok, ýyldyz ýok.

Ruhumda iň soňky umyt bar belli,
Emma neneň garaýyn oň ýüzüne,
Mende mejal ýokdur, ýekeje söz ýok.

## RONDO

Bu gamgyn gije geçer.
Kowgaý ony parlak Gün.
Gümürtik salgym içre,
Ýelek deý gaýýar bu tün.

Bu gamgyn gije geçer.
Geçer köňülden elem.
Ol süzüp zakgun içer –
Gamsyz bolsun bu älem.

Bu gamgyn gije geçer.
Geçer gaflat ukudan.
Bu ukusyz tüm gije,

Parlar ýene duýgudan.

Bu gije bahym geçer.

***

Many oka gözümden,
Yşkyň köýdürdi oda.
Dänsem eger sözümden,
Galaryn gyjalada,
Many oka gözümden.

Sen jebire has ökdem,
Men muňa senden ussat.
Söýýän, eger islesem,
Terk etmegim ap-aňsat.
Men – yşk, söýgi, men – sütem.

Sen täjimsiň başymda.
Seni alyp galaryn,
Gamgyn bir garaýşymda.
Salaryn girdabyma,
Ýüzersiň gözýaşymda.

***

Sen şahyr, çagyrýaň asman hüýlerin,
Aýyň saçlaryny söýüp daraýaň.
Gözüňe siňdirip güneş nurlaryn,
Çaganyň nazary bilen garaýaň.

Sen bu gün Manfred, bendi hem bende,
Sen uçduň guşlaryň ganatyn baglap.
Çekgin, çäksizligiň çägi bar sende,
Gul, haýkyr synaňy otlara daglap.

Dur arkaňda Rumy derwüşi – nebi,
Gaşyňda Nowaýy, sen Baba Tahyr.
Sen şahyr, müdimi ahyrýet kibi.

Şygryýet – başlangyç, şygryýet – ahyr,
Ejirlerden ölmez şahyr ýüregi,
Şahyryň enesi Ejir ahyry.

***

Petde-petde garlar ýagýar tozgalap,
Gara baglar geýmiş ylahy lybas.
Ýürekde bir alaw ýene gozgaýar,
Güneşli ýaz ýene golaý geldi has.

Saňa näme boldy? Kirpigiň nemli,
Goşa dideleňde ýaşyryn bir syr.
Diwarda asylgy suratym hany?
Ýüregiňde näme baryn aýt ahyr.

Petde-petde ýagyşy deý garlaryň,
Dertlerimi saçýan menem çarýana.
Hol, aňyrda güller açan baharyň
ysy kalbym örtäp, salýar heýjana.

## AJAÝYP DÜÝŞ

Ýene ajap düýş gördüm men,
Düýşümde oňa sataşdym.
Ýene ajap düýş gördüm men,
Alnynda oda tutaşdym.

Daşym orap otly tolkun,
Gomlarynda eder saýyl.
Ýalynyň içinden galkyp,
Başym alyp çyksam kaýyl.

Alaw ýanýar garagymda,
Jigerimi daglar telim.
Söýgi düwün damagymda
Kelemä gelmeýär dilim.

Şeýle ajap düýş gördüm men,
Düýşümde oňa sataşdym.

Şeýle ajap düýş gördüm men,
Alnynda oda tutaşdym.

Kalbymda söýgim alawlap,
Örtär ol, ganym ejize.
Düýşümem barýar paýawlap,
Dil ýaryp bilemok heniz-ä.

***

Pyşyrdama maňa, şemal,
Meň kalbyma heser salma.
Pyşyrdama, maňa, şemal,
Bir-bir ýapraklarym ýolma.

Pyşyrdama maňa, şemal,
Meni nirä äkidersiň?!
Pyşyrdama maňa, şemal,
Düýnüň gara ertekisin.

***

Bu gomlaryň bady çasly,
Hyjuw bilen ýüzýär gämim.
O ýerde bagtym galdymy,
Bagtsyzlygym, bu nämälim.

Ýoly külterlär darga ýel,
Çekýär gämiň tanapyndan.
Bärde nämeden ýuwdum el,
Näme bar garşy tarapynda?

**Özbek dilinden**
**terjime eden Gurban GURBANOW**

## AK GYŇAÇ GÖRSEM

Eje jan, kalbymda ýaşaýan sensiň,
Ölüm, mazar nire? Aman-esensiň.
Hanha, ak gyňaçly bir ene barýar,

Şol sensiň, bu ýere seýle gelensiň.

Onuň bolup barşy agynjak özüň,
Gapdala bakanok, garanok yzyn.
Tanyş ses, tanyş söz, şol tanyş mesi,
Gözlerim alawlap, titreýär dyzym.

Päklikde hiç kişi bolmaz saňa deň,
Şol öňküje bolşuň, ezizim, şindem.
Ejeleriň bary meňzeşmi näme?
Gör, sen ýaşap ýörsüň ýeriň ýüzünde.

Seniň şol bir bolşuň, kalbyňdaky nur
Ýolun ýitirene ýol görkezip dur.
Sen ýaly eneleň gorap saklany
Ata-babalardan galan däp-dessur.

Eje jan, kalbymda ýaşaýan sensiň,
Ölüm, mazar nire? Aman-esensiň.
Hanha, ak gyňaçly bir ene barýar,
Şol sensiň, bu ýere seýle gelensiň.

## AÝ

Dup-dury gögüň ýüzünde
Alakjap nirä barýarsyň?
Belki, gijäniň düzünde
Iliň syryn araýansyň.

Küýsedi seni ýüregim,
Gaýtadan dogup dolan Aý!
Tapan aşyk deý geregin,
Ýüzi ýap-ýagty bolan Aý.

Jemläňsoň gögüň nuruny
Gijäniň giň ýaýlasynda,
Ýigit tapandyr ýaryny
Şol bol nuruň saýasynda.

Biraz buluda duwlanyp,

Ýene gidersiň ýoluňa,
Çyn aşyga hemdem bolup,
Rehim edersiň halyna.

Küýsedi seni ýüregim,
Gaýtadan dogup dolan Aý!
Seniň görküň täk geregim –
Ýarymyň gül ýüzüne taý.

## MUNDA BAKY GALAN NÄME

Ne gelip, ne geçmändir bu dünýäden?
Suw çekilmiş deňizlerden, derýadan.
Dünýe döräp döwran süren nesilleň
Ählisi ajalyň tagamyn dadan.
Ne gelip, ne geçmändir bu dünýäden?

Geçer durar zaman yza zamana,
Wagt togtamaz urunsaňam her ýana.
Ýüregim gyýylýar bu ömri baky
Hasap eden nadan, gapyl ynsana.

Öter derrew…
Gider heňňam ugruna,
Tümlük orun berer daňyň nuruna.
Ýüregim gyýylýar görüp bu haly
Ýer ýüzünde adamlaryň takdyrna.

Meniň nebsim agyrýar ötenlere,
Täze bir dünýä baryp ýetenlere.
«Ömrüm asla tamam bolmasyn» diýip,
Ýazsam näder asmandaky bir ýere?

Ýaňam güýzdi, eýýäm gapymyzda gyş,
Başarsaň dünýä gez garyşma-garyş.
Eşidýärmiň? Seslenip dur bir nesil:
«Ornumy boşat-da, geçmişe garyş!».

## DURNALAR, GIDEN ÇAGYŇYZ…

Hatar tutup gideňizde durnalar,
Güýzüň ornun aladaly gyş alar.
Yzyňyzda galan daglar, dereler,
Giň meýdanlar boşap galan deý bolar.

Ap-ak keşbiňize öwrenişdik biz,
Bu ýere görk goşdy gözelligiňiz.
Gyşdan gaçyp gelipdiňiz bu ülkä,
Indi ýene ýola şaýlanýaňyz siz.

Jem boluşyp geleňizde bu ýana,
Sizi synlap gelerdik biz heýjana.
Bu gün tilki çykýar aw awlamaga
Sizsiz boşap galan otluk meýdana.

Esgerler deý düzülişip hatara,
Şindi barýarsyňyz siz haýsy ýere?
Erkin guşlar sesiňize ses bersin,
Keşbiňiz jan bersin sowan düzlere.

Geçiň menzilleri çyndan şat bolup,
Ýene geliň, hiç gidäýmäň ýat bolup.
Eger iki sany ganatym bolsa,
Menem göç ederdim size goşulyp.

## HEDER EDÝÄRIN

Kelläm çatlar öýdüp edýärin heder,
Ol dynman işleýär, basýar meni der.
Ýowuz jeňe görýärmikä taýýarlyk?
Onuň bu bolşundan alýan elheder.
Kelläm çatlar öýdüp edýärin heder.

Harasatlar oýnar beýnimde meniň,
Müňläp pikir gaýnar beýnimde meniň.
Düşnüksiz zatlardan doludyr kelläm,
Uly alada bar boýnumda meniň.

Güwleýär, bilenok öz düşen halyn,

Özüne galan deý dünýäniň aly.
Men heder edýärin, göýä atomlar
Kellämiň içinde partlaýjak ýaly.

Onuň bu bolşundan azap çekýär jan,
Aýdan ýaly bolýan tükenmez dessan.
Göýä tüpeň çeneşip dur mergenler,
Men bolsa ortada ýeke-täk nyşan.

Kellämi gysýaryn çişmesin diýip,
Birdenkä hetdinden aşmasyn diýip.
Ynanýaryn beýnim çykmanka sandan,
Yşyk saçar, gitmez biderek köýüp.

## ARZA ÝAZYP GIDEÝIN

Bu gün meniň doglan günüm, ne boldy?
Gutlaýan ýok, hemme bolan ýaly lal.
Gelseler bererdim uly zyýapat,
Meni Taňry unutdymy – bu ne hal?

Dünýe näme üçin meni söýmeýär?
Näme üçin hiç kimse tort iýmeýär?
Neçüýn hiç kim gowşuryp gül dessesin:
«Ine, donuň

Ine, atyň diýmeýär?».
Diýmek, tapmandyryn halkyň göwnüni,
Boş işlere harçlapdyryn ömrümi.
«Halkyň biler gymmatyňy» diýseler,
Ses gelen tarapa bakman öwrülip.

Her kişä aýandyr ýagdaýym, halym,
Setir-setir şygra siňdi ykbalym.
Men özümden aýrylmaryn hiç haçan
Märekeden aýra düşse-de ýolum.

Ýeri, bolýar, gutlanmasam nädeýin?
Gowusy, borjumy berjaý edeýin.

Ýanýoldaşym ber galamy geljege
Bir arzajyk ýazyp soňra gideýin.

## EÝ, GIŇ DÜNÝÄ

Eý, giň dünýä, gursagymy ýar meniň,
Goý, ýüzüňe ursun mazaryň demi,
Goý, seni suwarsyn gözýaşyň nemi,
Sende alynmadyk hakym bar meniň.

Käte ah çekýärin bakyp asmana,
Şindem bolsa gamgyn köňlüm al meniň.
Eý, giň dünýä, başujuma gel meniň,
Soňra hem aýrylyp gitme hiç ýana.

Ýüregimde orun aldy mazaly
Bu giň ülkäm. Oňa gurban bolaryn.
Oňa bir zat bolsa, bilgin, alaryn
Çyrlaýan çaga deý seniň mazaňy.

## MAÝGÜLE

Kiçijikdiň,
Mazaryň hem kindiwan.
Uly däl ýaşyňy görkeziji san.
Sen baýyrdan nazar salyp ýatyrsyň
Bu uly şähere dynman, ýadaman.

Gyzym meniň!
Kakasynyň balasy!
Mazaryň, göýä, bir towşan arkasy.
Bilerinmi durup onuň ýanynda?
Bilerinmi ony bagryma basyp?

Mazardaş goýaýma diýýär ýüregim,
Maňa galsa ýok onuň hiç geregi.
Gyşda ak gar, ýazda gül örtsün ony,
Dünýä inen maý aýyňda ak ýagyş
Ynjytmadan suwlap geçsin üstüni.

Mazardaş goýmagyň ýok hiç geregi!

## ADAMÇYLYK

Terk etjek bolsamam adamçylygy,
Asla goýup bilemok bu gylygy.
Ylgaşlabam gördüm hemem ýykylyp,
Döş geribem gördüm hemem bukulyp,
Emma aýrylmady adamçylygym,
Maňa mydam hemra boldy bu gylyk.

Syrymy açmadym duşmana birem,
Ýykyldym, bolmady hiç goltgy beren,
Hergiz tutjak boldum beren sözümi,
Sözümden dänmedim ýekeje kerem.

Adamlara kän ýagşylyk etmedim,
Erbet kişä erbetdigin aýtmadym.
Metjidiň üstünden ýolum düşýänçä,
Telek bir iş edýändirin öýtmedim.

Öýke başujymy alyp durmady,
Hakyky söz meni asla ýormady.
Dogry akyl isläp adamçylyga
Hormat goýmaýany gözüm görmedi.

## YNSAN NESLI

Munda kimiň doglup, kimiň ölenin
Ýüz ýyl geçip taparsyňmy bileni?
Ony diňe şol zamanky gün biler,
Muny diňe şol zamanky tün biler,
Ile gizlin galar näme bolany.

Kim serginlär şol mekana baransoň,
Her tarapda ahy-zary görensoň?
Hakykaty aňlaýasmy
Bu dünýä
Astymyza biz matany serensoň?

Biz ýok wagtymyzam bu ýeller ösen,
Näçe ýyl gezersiň aman hem esen?
Eý, pelek, köp gördüň munda adama
Bir agajyň ömri ýaly ömri sen.

Ejiz adam ýeriň ýüzüne gelip,
Kän ýaşamaz gözellige ýar bolup.
Heýkelin ýasadyp galjak bor baky,
Soňra bir gün gider başyny alyp.

Ýagmyr ýagar, gökde ýyldyrym çakar,
Heňňamlar şer bolup alnyňdan çykar.
Ynsan nesli tükenmesin hiç haçan,
Adam kysmatynda ne bolsa çeker.

## ARZUW EDIP

Näme diýseler-de, syrdyr ýazgydym,
Şol syry çözlemek meniň bar derdim.
Gözümi giň açyp, çyny ýalandan
Saýlamaga şindi köňlümi berdim.

Öwgi sözi ýarasa-da bu jana,
Köňlüm, ony küýsäp bakma her ýana.
Kim kimiň duşmany, kim-kimiň dosty
Bilmek çetin – geldi şeýle zamana.

Maksatly göwünde ýyldyrym çakar,
Soň nur ýagar, joşup bereket akar.
Bir arzuwyň söbügine düş, soňra
Has uly bir arzuw öňüňden çykar.

Çyn adamyň gözün baglamaz bagty,
Arzuwy ýok kişiň bolmaz gymmaty.
Arzuwsyz adama ömür uzyndyr,
Arzuwçyla bolsa gysgadyr gaty.

Arzuwsyz bolmaýar bu köňül işi,
Arzuwyň yzynda gysýarys dişi.

Arzuwyň öňüne kim böwet boljak?
Barmy ony tora düşürjek kişi?

## SAPARA ÇYKMAK

«Hoş gal!»
Guşlar gidýär kakyp ganatyn,
«Hoş gal!»
Maňa galýar bar amanaty.
Höwürtgä-de, çaga-da men jogapkär,
Şindi bilermikäm arkaýyn ýatyp.

Güller hem hoşlaşyp guraýar, bakyň,
Döwlen şaha maňa tabşyrýar hakyn.
Olar neçüýn meniň bilen hoşlaşýar?
Bu ýazgytmy? Hany, ýetir-dä akyl.

Köller neçüýn hoşlaşyban gerinýär?
«Hoş gal, hoş gal» — ýaň üstüme sürünýär.
Döwlüp ýere gaçan bar şahalarda
Bilmen neçüýn bir howsala görünýär.

Her kim hoşlaşýany ýoluna salýar,
Her kim onuň göwnün göterjek bolýar.
Myr-myr edip telegrafyň simleri
Bir zat habar berýän ýaly sallanýar.

Öňümde gara ýol — çykmakçy ýola,
«Hoş gal!» diýip yglan ederin ile.
Men sapara çykýan, emma bilemok
Ýazgydyň saljagyn neneňsi hala?

## BIZ ÝEŇDIK

Biz ýeňdik, wepat bolduk hem ýaraly,
Günlerimiz geçdi akly, garaly.
Biz dik durduk aždarhanyň öňünde,
Gardyr tupan bolup gapdyk garagyn.

Biz ýeňdik, bu ýurdy etdik başa täç,

Aždarhany baglap aldyk ondan öç.
Diýdik: «Bu milleti başga bir millet
Azara goýmasyn, aglatmasyn hiç!».

Ýeňdik biz jan alyp, ýeňdik berip jan,
Ok degip gursakdan akdy gyzyl gan.
Özümizi ýurda gurban eýledik,
Kakamyzyň ýüzün gara eýlemän.

Biz solduk, enemiz kän dökdi gözýaş,
Çydadyk, ýürege bagladyk biz daş.
Zäher boldy jeňsiz iýlen her lukma,
Emma syrymyzy hiç etmedik paş.

Boldy!
Boldy!
Bolan her kese aýan,
Ýeňşe goşant goşdy her erkek, aýal.
Emma aždarhanyň janlanmasy bar,
Hergiz häzir bolsun şuny aňlaýan.

## EÝ, ÖMRÜM

Bu dünýäniň agy bilen garasyn
Sessiz-üýnsüz kabul edip bararsyň.
Güýjüň ýok şer bilen dalaş gurmaga,
Eý, ömrüm, sen şindi näme görersiň?

Ýerdir gögüň arasynda sergezdan
Bolup çyrpynýarsyň, edýärsiň pygan.
Tüweleý göteren peşmek mysaly
Sowrulyp gidermiň öwsende zaman?

Oturmyşam bir dumanly kenarda,
Köňlüme söz gatyp dileýän ýardam.
Deňizdäki tolkunlara ýar bolup,
Ömrüm gohly geçip gidermiň ýa-da?

Tozan turzup ýüwürýärin yzyňdan,

Ejizligi daşa kow sen özüňden!
Sygyn maňa,
Ömrüm, maňa sygyn sen,
Seni ýele sowurmaryn azyndan.

## SANAGLY

Sanagly meniň sagadym,
Sanagly günüm hem aýym.
Tükendi sabyr-takadym,
Muňa nädip men çydaýyn?

Garradym men ýüzügara,
Tirkeşip gitdi ýyllarym.
Bolaryn munda masgara
Açylman galsa syrlarym.

Ertir oýanmaryn diýip,
Ýassyga goýdum başymy.
Her ädimde şübhe duýup,
Garanyp gezdim daşymy.

Gözledim öten bahary,
Elim boş galdy her sapar.
Kime edeýin gahary,
Her kim ýazgydyn tapar.

## NÄME GÖRDÜM

Ne görmedim diýmeýärin.
Ne gördüm?
Ömür, sen aýt, maňa nämeler berdiň?
Eşitmeýän, görmeýän,
Görmeýän hem bilmeýän
Gowa meňzemeklik boldy bar derdim.

Ne gülýärin, ne-de aglaýaryn men,
Bulara pursat ýok – aňlaýaryn men.
Garyp hem düşmedim, baý hem bolmadym,

Iki ýoluň çatrygynda durun men.

Yşkyň nämedigem däl maňa belli,
Söýüp görmän ömrüm soňuna geldi.
Bilemok, kalbyma aşyk bolanlar
Bagtyýar boldumy, ýa gamgyn boldy?

Ýagşylyk hem, ýamanlyk hem görmedim,
Haýsy gowy biljek bolup durmadym.
Şatlanýanym, gamlanýanym belli däl,
Ýazgydyma kän ähmiýet bermedim.

Köňlüm, ýene näme gördüň diýýäňmi?
Öz-özüm garaltdym ýagty dünýämi.
Kesişýän ýerinde iki şaýoluň.
Çökerdim iki örküçli düýämi.

## SOGRULYP GELERIN

Ýene gaýdyp gelerin bu mähriban illere,
Ýaralarym çalygar derde derman ýellere.
Entekler paýawlamaz bu ömrümiň ahyry
Bir gün ýene çykaryn uzak-uzak ýollara.

Hak gazandym hasaplan pursadymda şo halat
Janym sag bolsa, uçup gelerin gerip ganat.
Heniz takadym barka, göç ederin yzyma,
Kalbymdaky oduma asla etmen hyýanat.

Aslynda göç etmegem kyn iş başly-başyna,
Ýanjak bolup tütäniň kän iş geler başyna.
Alawlap ýetişmänkä, öçüp galýanlar az däl,
Emma bu men hakda däl, ynanyň dostlar şuňa.

## GIJE UKUSY

Gije uklamaga ýokdur bahana,
Uklamak aýypdyr ýola çykana.
Sapara çagyrýar alys menziller,
Uklasam, saparlar ýat bolar maňa.

Gije meni uklatmaga gelmedi,
Ylham asla uklamagy bilmedi.
Gözläp ogurladan ertirlerimi
Hyýalda barmadyk ýurdum galmady.

Gözlerimi baglap bu uky derdi,
Ömrümden ogurlap kän zyýan berdi.
Kän gijämi halas edip bilmämsoň,
Köňül hiç ynjalman ýas tutdy durdy.

Her näçe gerek bolsa-da ilime,
Kän pikir gark boldy uky siline.
Olaryň sanyny bilýän barmyka?
Gynanýaryn olaň düşen halyna.

Gije uklamak däl, işlemek gerek,
Her bir uky ölmeklikdir bir kere.
Puşmanym kän, ömrümiň kän bölegin
Ýollapdyryn yza dönüş ýok ýere.

***Türk dilinden terjime eden Orazgylyç ÇARYÝEW***